Mataljygym man eken.
Dyrnajygy on eken.
Dilewar-a, dilewar,
Dil üstüniň meňi bar. **(Gapan)**

Men barýardym hol baýak,
Elimde ýylgyn taýak.
Bir ajaýyp zat gördüm,
Bir kellede müň gulak. **(Ýüň darak)**

Meniň jigim garaja,
Garaja donly töreje.
Geliň, görüň ojakda,
Her dürlüje saçakda. **(Gazan we nahar)**

Öýümde bir saky bar,
Durar ojak başynda.
Geregiňi alarsyň,
Oturyp onuň gaşynda. **(Saçak)**

Pessejik ýerden gün dogar. **(Çyra)**

Seretdigiň ýüzüne,
Surat düşer gözüňe. **(Aýna)**

Şeýtanyň şerinde,
Adamyň elinde,
Alty aýagy bar,
Guýrugy bilinde. **(Terezi)**

**Çynar NURMÄMMEDOWA**
**S.A. Nyýazow adyndaky**
**Türkmen oba hojalyk**
**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены